# Mika pygamberiň kitaby

## Giriş

Mika Işaýa pygamberiň döwründe ýaşan pygamberdir. Ol günorta patyşalygy Ýahuda degişli şäherçeleriň birinde ýaşaýardy. Amos pygamber öz wagtynda demirgazyk patyşalygy milli betbagtçylyga uçrar diýip duýdurypdy. Mika pygamber hem öz gezeginde şeýle batbagtçylygyň Ýahuda ýurduna hem injekdigi barada pygamberlik edýär. Demirgazyk we günorta patyşalyklaryň üstünden inen betbagtçylygyň sebäpleri meňzeşdi: Hudaý adalatsyzlygy ýigreneni üçin, adalatsyzlyk edýän adamlary jezlandyrýardy. Ýöne Mika pygamberiň pygamberlik sözleri has aýdyň bolup, olarda gelejege bolan berk umyt bardyr.

Hudaýyň hökmürowanlyk sürmeginde tutuş älem-jahanda parahatlygyň boljagy (4:1-4) we Dawudyň neslinden doglup, milletlere parahatlyk getirjek beýik Patyşa (5:2–5) baradaky Mikanyň pygamberliklerini aýratyn belläp geçmek bolar. Ysraýyl pygamberleriň aýdanlarynyň jemi Mika pygamberiň kitabynyň bir aýadynda jemlenendir:

*«Eý, adamzat, Reb ýagşynyň nämedigini saňa bildirdi. Adalaty berjaý etmekden, merhemeti söýmekden, Hudaýyňyzyň öňünde kiçi göwünli gezmekden başga Reb sizden näme talap edýär?»*

*(6:8).*

### Mazmuny


Ysraýylyň we Ýahudanyň hüküm edilmegi 1:1—3:12
Galkynyş we parahatlyk 4:1—5:15
Duýduryş we umyt habary 6:1—7:20


## 1-nji bap

1 Ýahuda patyşalary Ýotamyň, Ahazyň we Hizkiýanyň
döwründe moreşetli Mika pygambere Samariýa we
Iýerusalim barada Rebbiň sözi aýan boldy.

### Samariýa bilen Iýerusalim höküm edilýär

2 Ähliňiz eşidiň, eý, halklar!
Gulak goýuň, eý, zemin we onuň ýaşaýjylary!
Hökmürowan Reb mukaddes mesgeninden
size garşy güwälik eder.
3 Ine, Reb Öz mekanyndan çykyp,
ýer ýüzüne inip, baýyrlarda ýörär.
4 Daglar Onuň aýak astynda erär,
dereler böwsülip,
otda ereýän mum ýaly,
kertden inýän suw deýin bolar.
5 Bularyň bary Ýakubyň nesilleriniň ýazygy,
Ysraýyl halkynyň günäleri üçindir.
Ýakubyň nesilleriniň ýazygyna kim sebäpkär?
Samariýa dälmi?
Ýahudanyň butlara seždegähi nirede?
Iýerusalimde dälmi?
6 «Şonuň üçin Men Samariýany harabaçylyga,
üzümçilik ýerine öwrerin.
Daşlaryny derä döküp,
düýplerini açyk goýaryn» diýýär Reb.
7 «Ähli butlary bölek-bölek ediler,
haram gazançlarynyň bary oda ýakylar,
butlarynyň baryny ýok ederin,
çünki bulary zyna gazanjy bilen toplady.
Olar ýene-de zyna gazanjyna öwrüler» diýýär Reb.

### Mikanyň agysy

8 Munuň üçin men aglap, dady-perýat ederin.
Eşiksiz we aýakýalaňaç gezerin.
Şagallar kimin uwlaryn.
Düýeguşlar kimin gözýaş dökerin.
9 Samariýanyň ýarasyna em ýok.
Ol Ýahuda gelip ýetdi.
Halkymyň derwezesine,
Iýerusalime baryp ýetdi.
10 Muny Gatda aýtmaň[1],
ahy-nalaňyzy bes ediň;
Beýtlegaparda[2]
gamgynlykdan guma togalanyň.
11 Eý, Şapyr[3] halky!
Ýalaňaçlanyp, utanç içinde ötüň.
Sawanan halky çadyryndan çykmasyn[4].
Beýtesel halkynyň özi ýas tutýar,
ondan size ýardam bolmaz.
12 Marotyň[5] halky ýagşylyga sabyrsyzlyk bilen garaşýar,
emma Reb Iýerusalimiň derwezesine bela inderdi.
13 Eý, Lakyş halky, ýüwrük aty[6] araba goş.
Sen Sion gyzynyň[7] günäsiniň başysyň,
çünki Ysraýylyň ýazygy senden çykdy.
14 Indi Moreşetgata hoşlaşyk sowgadyny berersiň.
Akzyp[8] obasy Ysraýyl patyşalaryna duzak bolar.
15 Eý, Mareşa ilaty,
Reb galaňyza basybalyjy[9] gönderer.
Ysraýylyň beýik ýolbaşçylary
Adullam galasynda gizlener.
16 Söýgili ogullaryňyza
ýas tutmak üçin saçyňyzy syryň.
Başyňyz çaýkeliňki kimin kel bolsun,

---

[1] **1:10** ***Gatda aýtmaň*** — ýewreýçe *Gat* we *aýt* sözleriniň aýdylyşy meňzeşdir.
[2] **1:10** ***Beýtlegapar*** — bu söz *gum öýi* diýmegi aňladýar.
[3] **1:11** ***Şapyr*** — bu söz *ýakymly* diýmegi aňladýar.
[4] **1:11** ***Sawanan... çykmasyn*** — ýewreýçe *Sawanan* we *çykmak* sözleriniň aýdylyşy meňzeşdir.
[5] **1:12** Ýewreýçe *Marot* we *ajy* sözleriniň aýdylyşy meňzeşdir.
[6] **1:13** ***Lakyş halky, ýüwrük aty*** — ýewreýçe *Lakyş* we *ýüwrük at* diýen sözleriň aýdylyşy meňzeşdir.
[7] **1:13** ***Sion gyzy*** — bu Iýerusalim halky diýmekdir. Sözlüge seret.
[8] **1:14** ***Akzyp*** — bu söz *aldaw* diýmegi aňladýar.
[9] **1:15** ***Mareşa... basybalyjy*** — ýewreýçe *Mareşa* we *basybalyjy* sözleriniň aýdylyşy meňzeşdir.

çünki çagalaryňyz sürgün ediler.